# Seňki dogry / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Medisina,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Seňki dogry / satiriki hekaýa SEŇKI DOGRY

(monolog)

Adamlar, dünýede iň erbet keseliň nämedigini bilýäňizmi? Hä? Gatyrak aýt, eşidemok. «SPID» diýýäňizmi? Ýok-laý, oň ýanynda SPID-iň dagy witjik. Ýok, seň o diýýäniňem däl. Bilmeýän bolsaňyz, gowusy diňläň, özüm aýdaýyn. Gurrandazlaryň habar bermegine görä, iň erbet kesel gulagyndan garramakmyş. Hawa, hawa, gulagyndan iglemek ýaly erbet zat ýok diýýärler. Häzirki zaman medisinasy hem bu teoriýanyň dogrulygyna doly güwä geçýär. Özem bu keseliň mikroblary diňe aýallarda bolýamyş. Ynanaňzokmy? Men muny klassyky edebiýatymyza salgylanybam tassyklap biljek.

Ýigitlik bir gyzyl güldür,
Solaýyn diýseň öýlengin.

Ine, gördüňizmi! Dogrusyny aýtsak, aýaldan zeýrenmeklik, ýoldaşlar, soňky döwürde has hem ösdi. 1913-nji ýyl bilen deňeşdireniňde ol 107,8 prosent artypdyr. Munuň özi az zat däl, ýoldaşlar. Ykdysadyýetimiziň ösüşinden näçe esse köpdür.
Bu meselede ýene-de bir möhüm bellemeli zat. Ol hem häzirki zaman aýallarynyň iňirdemek boýunça professional endigi, ýagny ussatlygy görlüp-eşdilmedik derejede ýokarlanýar. Hiç ýerik aýagyny ätmän oturan ýerinden buz üstünde tozan aramany başarýarlar. Ynha, dek düýnüň özünde bolan bir wakany size gürrüň bereýin.
…Günortana golaý goltugymy aňry-bäriden dolduryp, öýe geldim. Keýwanymy bir begendireýin diýdimdär-aý. Iýer-içer ýaly delje zatlardan tapdym. Näme? Magazinlerden bormy? Häzir, näme, durgunlyk döwrüdir öýdýäňmi, baran ýeriňden alyp gaýdybir ýaly. Dogry-da walla, dükanlaň içi suw çaýkalan ýaly. «Bi, näme beýle?» diýip satyjylardan sorasaňam «üýtgedip guryas»

diýen bolýalar.
Hawa, aýalym goltugymdaky zatlary görüp boýnuma böker öýtdüm. Ýalňyşypdyryn. Ýüzüni, birhili ajan hamyr ýaly, turşadyp otyr.
– Nireden geldiň? – diýip, ol azgyryldy. Ogurlygyň üstünde tutulan ýaly boldum. Sakowlap başladym.
– O-o, n-neme, ýaňy sklatdan…
– Maşynyňa bir tulany mündürip, kanalyň gaýrasynda näme işläp ýörsüň? Göniňden gel, ýogsam… – diýip, ol iki barmagyny gözüme sokaýjak boldy.
Rejäň geň däldigini aňyp, men ur-tut onuň gaňyrşyna gaýtdym.
– Başlyk, wiý, keýwany, o diýýäniň ýalan. Töhmet.
– Ýok-ýok, bi yradýaň ýa gazetiň habary däl, muny men Frans-press agentliginden eşitdim. Boýnuňa alaý ýöne…
Allajanlarym, nädip sypsamkam?! «Kireý edýän» diýdim. «Kireý edýän senmi, ýa-da ýanyňdaky kemçin?» diýip tutdy ýene-de bir ters dawa…
Ynha, gardaşlar, günüň bir bolsa dawaň iki. Bu keselden nädip dynmaly? Aýrylyşaýmaly diýýäňizmi? Düýbünden bolmajak zat. Aliment diýibem bir zat bar. Onsoňam näme, bütin ömrüňe müjerret ötjekmi? Wah, etmeli zat belli-le. Ho, negiriňki ýaly, kimdir oň ady? Teatrlaň sahnasynda çykyş edýändir-laý. Hä, Otello, Otello! Şonuň Dezdemonany bogşy ýaly bogaýsaňam boljak welin, yzynyňam gürrüňi köp bor.
Ýeri, bolýa-la, bu zatlar üćin siziň başyňyzy agyrtmaýyn. Doganlar, hany, aýdyň, bu keselden nädip dynmaly? Näme dymýaňyz, men sizden soraýan?
Duruň, duruň! Kelläme bir ajaýyp pikir geldi. O keselden dynmak üçin aýalyňyz näme diýse «Seňki dogry» diýiň-de, olary ugruna sürüberiň. Şonda utarsyňyz.
Nähili görýäňiz? Onsoňam iň esasy zat o dermany gözläp aptekden-aptege selpäp ýörmeli däl, öz ýanyňyzdan önýä. Şoňa-da şükür ediň!

Täçmämmet JÜRDEKOW,
Türkmenistanyň Halk ýazyjysy. Satiriki hekaýalar